# Tokio-Moskwa

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Tokio-Moskwa TOKIO-MOSKWA

Mähriban sähralar geýdi ýaşyl don,
Dury asman ýalkym saçdy düzlere,
Gaýraky deňiziň aňyrlaryndan
Ýaz, aýdym dek uçup geldi bu ýere.

Dynçlygyň, dostlugyň tarapdary biz!
Dynçlygyň, dostlugyň tarapdary biz! –
Diýen sözler kasam ýaly ýaňlanýar.
Ýürekdeş sesizmiz äleme dolýar.
Tokio biziň bilen,
Moskwa biziň bilen!

Guşlar gökde garaşýarlar sähere,
Çalt uçýarlar asla ilmezden göze.
Uzak rus ülkesinden bu ýere
Bahar gyzgyn salam iberýär bize.

Dynçlygyň dostlugyň tarapdary biz,
Dynçlygyň, dostlugyň tarapdary biz! –
Diýen sözler kasam ýaly ýaňlanýar,
Ýürekdeş sesimiz äleme dolýar.
Tokio biziň bilen,
Moskwa biziň bilen!

Paýtagtlaryň dostlugyny wasp edýän –
Aýdymmyz ýalyn dek lowlaýar batly.
Aziýanyň uzak ýaýylyp gidýän –
Aýdyň asmanynda uçýar haýbatly.

Dynçlygyň dostlugyň tarapdary biz,
Dynçlygyň, dostlugyň tarapdary biz! –
Diýen sözler kasam ýaly ýaňlanýar.

Ýürekdeş sesimiz äleme dolýar.
Tokio biziň bilen,
Moskwa biziň bilen!

Hadzime KOBAÝASI,
Ýaponiýa.

Rusçadan terjime eden: Beki SEÝTÄKOW.

“Edebiýat we sungat” gazeti, 05.07.1958 ý. Goşgular